# Türkiýe beýleki yslam ýurtlary üçin nämüçin özüneçekiji?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Türkiýe beýleki yslam ýurtlary üçin nämüçin özüneçekiji?
TÜRKIÝE BEÝLEKI YSLAM ÝURTLARY ÜCIN NÄMÜÇIN ÖZÜNEÇEKIJI?



Dogrusyny aýtmaly bolsa, demokratik hak-hukuklar, medeniýet we bilim ulgamynda göze ilip duran yza tesişlikler baram bolsa, Türkiýe 52 yslam ýurdunyñ içinde hemmetaraplaýyn iñ ösen ýurdy bolup durýar. Hem Türkiýäni yslam dünýäsiniñ gözünde özüneçekiji edýän zat – göräýmäge biri-birine ters ýaly bolup görünýän iki ýaşaýyş-durmuş şertini – günbatarly zamanabap ýaşaýyş-durmuş formasy bilen tradision we yslamy ýaşaýyş-durmuş formasyny utgaşdyrýan jemgyýetçilik ýaşaýyş-durmuş forma dünýägaraýşy, ýamaly demokratiýasy ee gitdigiçe ýaýrap

barýan dünýewi gurluşydyr.
Owganystan, Eýran, Yrak, Siriýa ýaly ýurtlaryñ gadagançylyklar bilen doly garañky, demikdirip barýan we howply şertlerinden gaçýan millionlarça adam Türkiýä gelenlerinde çölüñ ortasynda salgym gören ýaly rahat dem alýarlar. Despot Gündogardan gaçanlaryñ Türkiýede ilkinji duýýan zatlary, özleriniñ birnäçe hak-hukuga eýe şahslardygyny duýmakdygydyr. Bu adamlaryñ aglaba bölegi yzda galdyryp gaýdan ýurtlarynda ençeme ýyllap bir han-begiñ, taýpa kethudasynyñ ýa-da milisiýa otrýadynyñ serkerdesiniñ elinde ýarym gulçulykly durmuşda ýaşamagydyr.
Türkiýede bosgunlardyr migrantlaryñ ogrynça begenip duýýan zatlary-da şu: Aga-kethuda, serkerde, başlyk, han-beg, hojaýyn ýaly zatlaryñ indi ýoklugy. Mundan beýläk hiç kimiñ öñünde egilip-bükülmegiñ geregi ýok. Sebäp bu ýurtda hemmeler kanunyñ öñünde deñ, hatda aýallardyr çagalaryñam hak-hukugy bar. Şonuñ üçin hiç bir owganystanlh ýa-da siriýaly Türkiýede aýalyny öldir ýaly ýençmeýär, öldürmeýär, zor bilen oglunyñ ýa-da gyzynyñ başyny çatyp bilmeýär. Beýden ýagdaýynda ep-esli ýylyny türmede geçirmeli boljakdygyny bilýär.
Öz çagalygymdan mysal bereýin: Sowet okkupasiýasynyñ iñ agyr ýyllarynda – 1982-nji ýylyñ tomsunda birnäçe göçegçi bolup Owganystandan Türkiýä gelipdik, bizi Tokatda göçegçilere niýetlenen umumyýaşaýyş jaýlaryna ýerleşdiripdiler, «Gyzyl ýarymaý» jemgyýeti günde üç wagtyna nahar berýärdi. Içimizde ýerli han-begler, ofiserler, hatda halk deputatlary ýaly sylanýan adamlar bardy. Smma «Gyzyl ýarymaý» hiç kimiñ sylagyna ýa eýeleýän wezipesine, derejesine seretmän, maşgalanyñ sanyna görä nahar berýärdi. Muny gören bosgunlar öz arasyndaky oglanjyklaryñ biri ownuk geñgalyjylyk we şatlyk bilen şeýle diýipdi:
*– Türkiýe hakykatdanam jenneti ýurt, türklerem jennetlik adamlar eken.*



Oglanjyga bu sözleri aýtdyranam ilkinji gezek özüniň adam hasabynda görülmegi, adam ýaly we hemmeler bilen deň çemeleşilmegidi. Muny ýola goýanam elbetde binýadyny Mustapa Kemal Atatürküň tutan dünýewi respublikasydy.
Häzir Pars aýlagynyň arap ýurtlarynyň gözüne Türkiýäni özüneçekiji edýän zat – türk teleseriallaryndan gören yslamy urp-adatlary bilen utgaşan zamanabap musulman ýaşaýyş-durmuş formasyny Stambul, Ankara, Izmir, Antalýa ýaly şäherlerden tapyp bilýändikleridir. Şonuň üçin baý araplar hökman Türkiýeden jaý satyn alýarlar. Islendik barjamly arabyň ýüreginde yslamy urp-adatlardan doly daşlaşmazdan Günbataryň azatlyklarynyň tagamyny almak bar.
Edil şular ýagdaýy eýranly we owganystanly elitalar üçinem aýtmak mümkin. Ortagürp ýagdaýly müňlerçe eýranly her ýyl halaýan aýdymçylarynyň konsertlerine tomaşa etmek üçin Antalýa we Stambul ýaly şäherlere gelýär. Kyrk bäş ýyl mundan öň Homeýniniň häkimiýey başyna gelmegi bilen ABŞ-na, Ýewropa gaçan Eýranyň Emel Saýynlary, Ažda Pekkanlary, Erol Ewginleri garrandygyna garamazdan häzirem Antalýada, Stambulda konsert berýärler. Konsert zallary ölmänkä iň soňky gezek ýaşlyk ýyllarynda diňlän söýgüli aýdymçylaryny diňlemek isläp gelen eýranly muşdaklardan dolup-daşýar.

Owganystandan gaçan öňki režimiň gurply ýolbaşçylary-da Türkiýedäki dünýewi sistemanyň berýän mümkinçilikleriniň we azatlyklarynyň tagamyny alyp, agaýana ýaşamaga başladylar. Olaryň birnäçesi edil häzir Stambulyň iň gowy raýonlatyjda Bosfora we Mermer deňzine bakyp duran willalarda bol-telki durmuşyň hezilini görýär. Şeýle-de Türkiýede hiç kim bu adamlaryň hasaplaryndaky million dollarlaryň çeşmesini soramaýar.
Türkiýe şol bir wagtyň özünde ABŞ-da we Ýewropada ýaşaýan eýranly, owganystanly, siriýaly, yrakly maşgalalar üçinem pensiýa çykandan soň ýaşamak üçin iň ajaýyp ýerleriň biri. Olar öz ýurtlarynda ýagdaýlaryň gülala-güllük bolup gidendigini görmäge ömürleriniň ýetmejegini bilýär. Şeýle hem olar soňky demlerini Günbatarda tabşyrmak islemeýär. Şonuň üçinem olaryň gözünde ömürleriniň ahyrynda göwünleriniň isleýän tradision we musulman ýaşaýyş-durmuş formasynda ýaşap boljak iň ideal ýurt Türkiýe bolup galýar. Şol sanda Günbatara garanda durmuş bärde maddy taýdan gowy we sfera-da ideal.
Demokratik hak-hukuklary gitdigiçe çäklendirilýän we eli-aýagy baglanýan, agyr ykdysady ýüküň astynda uwlaýan ýerli türkler bolsa, bütin bu artykmaçlyklary duýmajak derejede agyr durmuş göreşini alyp barýarlar. Hiç kimse bu ýurtda ýaşaýşyň gymmatlygy bilen gidişmekden ýana barha inçelip barýan we düýbi köwülýän, seňseleýän demokratik azatlyklara, dünýewi ýaşaýyş-durmuş şertlerine, ýer bagyrtlaýan bilim sistemasynyň hiline üns bermelidirem öýdenok.
Türkiýäni edil häzir özüneçekiji we özbolujly edýän zat – onuň yslamy geçmişi bilen günbatarly zamanabap gymmatlyklary utgaşdyrýan liberal ýaşaýyş-durmuş dünýägaraýşy we dünýewi dolandyryş sistemasydyr. Eger munam elden gideräýsek, onda ähli aýratynlyklarymyzy we özüneçekijiligimizi ýitireris.

Esedulla OGUZ,

Germaniýada ýaşaýan türkmen žurnalisti.

Ýekşenbe, 14.07.2024 ý. Publisistika